# Тема№13: Howa sowadyş ulgamlarynda ulanylýan howa sowadyjy enjamlary

Tekiz üstli turbalardan ýygnalan howasowadyjylar adatça, başlangyç otnositel çyglylygy ýokary bolan howany sowatmaklyk we guraklandyrmak maksatlary üçin ulanylýarlar.

Bu gşrnüşli howasowadyjy enjamlar, olaryň gabarasynyň ululygy we köp mukdarda turbalaryň harçlanýanlygy sebäpli, gapyrgajykly sowadyjy enjamlar bilen deňeşdirileninde, seýrek ulanylýarlar.

Suratda tekizüstli turbalarda ýygnalýan howasowadyjy enjam şekillendirilen, enjam daşky metaldan ýasalan gabygyň içinde ornaşdyrylan egreldilen turbalardan ybarat bolup, turbalaryň içinden sowuklykgöteriji – sowadylan suw geçirilýär. Enjamyň daşky gabygyň aşagynda, kondensaty çykarmaklyk üçin turbajyk bilen abzallaşdyrylan, suwtoplaýjy gap ýerleşdirilen.

Sowadylmaly howa, sowadyjynyň üstünden merkezdendaşlaşýan wentilýator arkaly geçirilýär. Sowadylýan howanyň hereketiniň ugry we sowuklykgöterijiniň hereketiniň ugry suratda strelkalar arkaly görkezilen.



Tekizüstli turbalardan ýygnalan howasowadyjylaryň hasaplamasy, howany sowatmaklyk we guraklandyrmak prosesi I-d diagrammada gurulanyndan soňra ýerine ýetirilýär.

Howa kondisionirleme tehnikasynda tekizüstli turbalardan ýygnanan aralyk üstli howasowadyjylar bilen bir hatarda, daşky gapyrgalanan turbalardan ýygnalan, aralyk üstli giňişleýin ulanylýarlar. Bu görnüşli howasowadyjylar ýylylykçalyşyk enjamy hökmünde ýokary jebisligi eýedirler we tekizüstli turbalardan ýygnalanaralyk üstli howasowadyjylar bilen deňeşdirileninde, turbalaryň sarp edilişiniň pesligi bilen tapawutlanýarlar

Howasowadyjy enjamyň sowadyş giňişliginden geçýän howanyň tizligini, kondensatyň çykmazlygy üçin, ***6 m/sek*** ululykdan ýokary kabul etmeklik maslahat berilmeýär.

Eger-de howa sowadyjy enjamyň sowadyjy üstüniň temperaturasy ***$0^o$***-dan pes bolsa, onda howadan bölünip aýrylýan çyg onuň üstünde gyraw görnüşinde doňýar. Şunlukda turbalaryň daşynda emele gelýän “gap possyny” howanyň geçmekligi üçin giňişligini azaldýanlygy sebäpli ýylylykçalyşma proseslerini kynlaşdyrýar.

Şu ýagdaýyň bolmazlygy üçin, “***gar possuny***” dörän ýagdaýynda turbalary ýylatmaklyk çäreleri geçirilýär, ýagny kondisioneriň defrostasiýasy amala aşyrylýar. Emma, köplenç halatlarda, göwnejaý şertleri üpjün etmeklik üçin kondisionirleme ulgamlarynda turbalarda “***gar possuny***” döremeýär.

Bu görnüşdäki howasowadyjylar, daşky göniburçly kesimdäki kameranyň içinde, metaldan edilen gözenegiň üstünde erkin dökülen, üstünden suwlandyrylýan, ölçegleri ***25×25×3 mm*** bolan Raşigiň halkajyklaryndan emele getirilen, iş gatlagyndan düzülýärler. Kamerada metaldan edilen gözenegiň üstüne erkin dökülen halkajyklaryň iş gatlagynyň, sowadylmaly howanyň geçmekligi üçin “açyk” kesimi ***85 %*** bolup, howanyň geçmekligi üçin iş gatlagynda öwrümli ýol emele getirýär.